# Ölüminiñ kyrkynjy gününde Mahsa Emininiñ hatyralanmagy Eýrandaky tolgunşyklara täzeden ot berdi

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ölüminiñ kyrkynjy gününde Mahsa Emininiñ hatyralanmagy Eýrandaky tolgunşyklara täzeden ot berdi ÖLÜMINIÑ KYRKYNJY GÜNÜNDE MAHSA EMININIÑ HATYRALANMAGY EÝRANDAKY TOLGUNŞYKLARA TÄZEDEN OT BERDI




*Režim diñe güýjüni goramak üçin däl, ömrüni dowam etdirmek üçinem göreşýär[/b]*
*Mahsa Emininiñ ölümüniñ kyrkynjy gününde onuñ Sekkezdäki guburynyñ başyna takmynan 10 müñe golaý adam üýşdi* ***(Reuters)***
Tussag astyna alynandan soñ aradan çykmagy Eýranda köpçülikleýin protest hereketine ýol açan Mahsa Emini ölüminiñ kyrkynjy gününde diñe Kürdüstan welaýatynyñ Sekkez şäherinde däl, paýtagt Tähranda we birnäçe ilatly punktlarda ýatlandy.
Sosial mediýada ýaýradylan wideoýazgylar müñlerçe adamyñ şäher merkesinden «Diktatora ölüm!» we «Zenan, ýaşaýyş, azatlyk!» şygarlary bilen gonamçylyga tarap ýörän wagtynda polisiýanyñ göz ýaşardyjy gaz ulanýandygyny görkezdi.
Kürtleriñ ýaşaýan welaýatlaryndaky adam hukuklarynyñ bozulmalary boýunça işleýän Norwegiýanyñ «Hengaw» topary

azyndan 50-ä golaý raýatyň ýaralanandygyny mälim etdi.
Eýranly meşhur futbolçylar Ali Daýi we Hamed Lak demonstrasiýany goldamaga gidendikleri üçin şäherde ýerleşen otelinde tussag edildiler.
Tährandaky ýokary okuw jaýlarynda talyplar ot ýakyp, polisiýa bilen çaknyşdy. Tolgunşyklar birnäçe şäherde gijesi bilen dowam edensoň, internet aragatnaşygy kesildi.
Yspyhan welaýatynda, Horasan welaýatynyň merkezi Maşatda, Huzystan welaýatynyň merkezi Ahwazda bolan çykyşlary-da polisiýa basyp ýatyrmaga dyrjaşdy. Eýranyň konserwatiw orta gatlagyndaky Ýezd şährrinde-de talyplar Eýranyň iň täsirli dini lideri Seýit Ali Hüseýni Hamaneýe kakdyryp, «Diktatora ölüm!» diýip gygyryşdylar.
Nebit we şeker önümçiligi pudaklarynda 26-njy oktýabrynda iş taşlaýyşlar sebäpli işler togtamagyň bäri ýanyna geldi, Tährandaky birža makleri bolsa ilkinji gezek işini duruzdy.
Eýrandaky sindikatlardan habar berýän ILNA habarlar gullugy saglygy goraýyş işgärleriniň agzybirlige çagyrýan çykyşy wagtynda polisiýadan ýumruk iýen Medisinaçylar geňeşiniň başlygy Muaýid Alewýan wezipesinden ýüz öwürýändigini mälim etdi.

Giň gerimli protest hereketi.
Erak dagynyň başynda ot bilen Mahsa diýip ýazypdyrlar… pic.twitter.com/XYj9eCSaZt
— Arif Keskin (@KeskinArif) October 27, 2022

Eýranyň Ýustisiýa ministrligi hepdäniň başynda Tähranda 315, Elbrus welaýatynda 201, Huzystan welaýatynda 105 adamyň demonstrasiýa gatnaşandygy üçin sorag ediljekdigini mälim etdi.
Adam hukuklary boýunça iş alyp barýan toparlar eýýäm bir ýarym aýa wagt bäri dowam edip gelýän çykyşlarda 200-den gowrak adamyň wepat bolandygyny çaklaýar.
Emini Tährana gidende 16-njy sentýabrda şerigat polisiýasy tarapyndan tussag edilip, üç günden soň ölendigi aýdylypdy. Gözi bilen gören şaýatlar Emininiň urlandygyny aýtsa, eýranly

ygtyýarlylar onuñ ölüminiñ hroniki (öñden bäri dowam edip gelýän) kesele baglydygyny öñe sürüpdi.

Eýranda bäş ýyl tussag ýatan asly eýranly Angliýanyñ raýaty Näzenin Zaghari-Retkliff Londonda «Thomson Reuters» kompaniýasy tarapyndan gurnalan konferensiýada şeýle diýdi:

«Täze nesil örän tapawutly we olar azatlyk barada köp zat bilýär, şoñ üçinem hemmelere deñ göz bilen garaýan has adyl döwlet, has gowy ýaşaýyş-durmuş şertlerini, söz azatlygyny, kadaly iş mümkinçiliklerini isleýärler. Hak-hukuklaryny gowy bilýärler we olary almak üçin islendik töwekgelçilige taýýar… Häzir režim diñe güýjüni goramak üçin däl, ömrüni dowam etdirmek üçinem göreşýär.

Şol ikiarada Şirazda şaýy musulmanlarynyñ zyýarata gelýän «Şah Çerag» kümmetinde gurnalan we 15 adamyñ ölümine sebäp bolan ganly terakty amala aşyrandygyny YŞYD öz internet saýtyndan habar berdi.

***Independent Türkçe, Guardian, Wall Street Journal.***

27.10.2022 ý. Publisistika